**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№19 (168) 2026-njy ýylyň 10-njy iýuly




## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kanadanyň General-gubernatory hanym Luiza Arbura we ýurduň ähli halkyna Kanadanyň güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**1-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Keniýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi jenap Jonah Maina Mwangiden ynanç hatyny kabul etdi.

***

**1-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň daşary işler ministri Ýermek Koşerbaýewi kabul etdi.

***

**1-nji iýulda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralarda şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi.

***

**2-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Horwatiýa Respublikasynyň Prezidenti Zoran Milanowiçe we ýurduň ähli halkyna ýurtlarymyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**3-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko Belarus Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**3-nji iýulda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasyna sapary amala aşyrdy. Saparyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz EÝR-nyň Prezidenti Masud Pezeşkian hem-de Yslam Şurasy Mejlisiniň Başlygy Mohammad Bager Galibaf bilen duşuşyklary geçirdi.

***

**3-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

**4-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampa we ýurduň ähli halkyna ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**6-njy iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**7-njy iýulda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministri Mikail Jabbarow bilen duşuşdy.

***

**8-nji iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministri Mikail Jabbarowy kabul etdi.

***

**9-njy iýulda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Argentina Respublikasynyň Prezidenti Hawýer Herardo Mileýe we ýurduň ähli halkyna Argentinanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### THE SCIENTIFIC PROJECT COMPETITION “A BRIGHT PATH TO PROGRESS” WAS HELD

On July 4, 2026, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted the scientific project competition “Ösüşe ak ýol/ Bright Path to Progress”, organized by the “Ýaş ykdysatçylar/Young Economists” Scientific Club. The competition aimed to identify talented young students innovators and encourage them to involve in Entrepreneurship. The students of the National School of Turkmen Diplomacy presented a variety of scientific and innovative projects.

Today, our government is carrying out extensive work to foster the intelligent, broad-minded youth who are proficient in modern technologies. The tasks within the framework of objectives set forth at the Level of national development programs are implemented constantly. The evidence of that is confirmed in the Strategy for the Development of the Science System of Turkmenistan for 2024-2052 and the Strategy for the Development of the Higher Professional Education in Turkmenistan for 2026-2052.

As the Esteemed President stated: “The primary goal of our educational policy is to improve the education system in accordance with international standards, globally recognized norms, and best practices, nurturing the younger generation on the basis of national and universal human values and providing them with modern, high-quality education”. In this regard, the regular organization of scientific competitions and academic Olympiads among university students is of great importance.

The first-year students of the Faculty of International Economic Relations Medine Jeyhunova and Allanur Shikhiev, and third-year student Dawut Gezerov representing our Institute took active participation at the “Ösüşe ak ýol” scientific project competition. The winners of the competition will be awarded at the cerimonies dedicated to the 35th anniversary of Turkmenistan`s Independence.

### СОСТОЯЛСЯ ЭКОЛОГИЧЕСКИЙ ФОРУМ «СОХРАНИМ ПРИРОДУ ВМЕСТЕ!»

6 июля 2026 года в Туркменском сельскохозяйственном институте города Дашогуз прошел экологический форум «Сохраним природу вместе!». Мероприятие было организовано совместно с Секретариатом Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО, Министерством образования Туркменистана и Туркменским сельскохозяйственным институтом.

В работе форума приняли участие ответственный секретарь Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО Чинар Рустемова, ректор Туркменского сельскохозяйственного института Довлет Йолов, а также представители кафедр, клубов и Ассоциированных школ ЮНЕСКО нашей страны. Программа началась с осмотра тематической выставки, после чего состоялась церемония открытия. Кроме



того, в рамках форума представители различных высших учебных заведений страны выступили с интересными докладами, посвященными таким важным направлениям, как охрана окружающей среды, формирование экологической культуры и реализация целей устойчивого развития.

**«Голос молодого дипломата».**

# TEJRIBE — KÄMILLIGE ÝOL

Hormatly Prezidentimiziň: «Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalara



we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek biziň alyp barýan bilim syýasatymyzyň baş maksadydyr» diýen parasatly sözlerinden ugur alnyp, bilim ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, hünär taýdan kämilleşmegi hem-de nazary bilimlerini amalyýetde berkitmekleri döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şoňa görä-de, ýokary okuw mekdeplerinde önümçilik tejribeligi okuw işiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Çünki hakyky hünärmen diňe bir çuňňur nazary bilim bilen däl, eýsem, baý amaly tejribäniň esasynda kemala gelýär.

Tejribe — ynsany kämillige eltjek ýollaryň gözbaşy. XVII asyrda ýaşap geçen meşhur iňlis taryhçysy Tomas Fulleriň: «Bilim — hazyna, ýöne onuň açary — tejribe» diýip belleýşi ýaly, her bir ynsanyň nazaryýetde alan bilimini amalyýetde özleşdirip, tejribe toplamagy kämil hünärmen bolup ýetişmek üçin örän möhümdir. Hünär ýolunda ilkinji ynamly ädimleriň biri bolan önümçilik tejribeligi talyplar üçin diňe bir okuw meýilnamasynyň nobatdaky tapgyry bolman, olaryň geljekki zähmet durmuşyna taýýarlyk döwrüdir. Tejribelik döwründe gazanylýan başarnyklar, hünär endikleri we durmuş sapaklary geljek-



de jogapkärli we başarjaň hünärmen bolup ýetişmekde berk binýat bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary hem häzirki wagtda döwlet edaralarynda, şol sanda ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynda we beýleki degişli düzümlerde önümçilik tejribeligini üstünlikli geçýärler. Bu döwürde olar hünärmenleriň iş tejribesi bilen tanşyp, resminamalaryň taýýarlanylyşy, iş dolanyşygy, halkara hyzmatdaşlygynyň aýratynlyklary hem-de diplomatik gullugyň möhüm ugurlary boýunça gymmatly tejribe toplaýarlar. Şeýle hem olara tabşyrylan amaly işler arkaly özbaşdak çözgüt kabul etmek, maglumatlary seljermek we topar bilen netijeli işlemek endiklerini has-da kämilleşdirýärler.

Önümçilik tejribesi ýaş hünärmenlerde diňe bir hünär ussatlygyny däl, eýsem, jogapkärçilik, tertip-düzgüne ygrarlylyk, zähmetsöýerlik, Watana we saýlap alan kärine bolan söýgi ýaly ýokary ahlak sypatlaryny hem kemala getirýär. Şeýle häsiýetler bolsa geljekde islendik ugurda üstünlik gazanmagyň möhüm şertleridir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Dünýä jemgyýetçiliginde metbugat neşirlerine, radio we telewideniýä milletiň aýnasy hökmünde garalýar. Ýer ýüzünde türkmen halkyna, onuň nähili milletdigine biziň gazet-žurnallarymyzy okap, telewideniýämize seredip, radiomyzy diňläp baha berýärler. Hut şonuň üçin hem biz ähli



habar beriş ulgamynyň hünärmenlerinden öz işlerine örän çynlakaý çemeleşmeklerini talap edýäris» diýip, örän jaýdar belleýär. Şoňa görä-de, biz — geljekki halkaraçy žurnalistler üçin önümçilik tejribeligi has hem möhümdir. Bu döwürde dürli makalalary ýazmagyň, döwrüň sesine ses goşýan gepleşikleri taýýarlamagyň inçe aýratynlyklaryny içgin öwrendik. Ýeri gelende bellesek, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyplary ýurdumyzyň dürli gazet-žurnallarynyň redaksiýalary, tele we radio ýaýlymlary bilen birlikde, institutymyzyň «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetiniň redaksiýasynda hem önümçilik tejribeligini geçip, öz hünär başarnyklaryny kämilleşdirdiler.

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyp ýaşlarynyň önümçilik tejribeligi olaryň nazary bilimlerini berkitmek bilen birlikde, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän, giň dünýägaraýyşly, daşary ýurt dillerini kämil bilýän, halkara derejeli hünärmenler bolup ýetişmeklerine giň mümkinçilikleri döredýär. Berkarar Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşmagy maksat edinýän ýaşlar üçin önümçilik tejribesi geljegiň jogapkärli we abraýly zähmet ýoluna ynamly gadam basmagyň möhüm mekdebi bolup hyzmat edýär.

**Yhlas HALLYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.



# МИР БЕЗ БАРЬЕРОВ

***Репортаж с обучающего семинара по инклюзивной журналистике***

Летний Ашхабад, залитый солнцем, 30 июня стал свидетелем важного диалога о равенстве, который развернулся в здании Организации Объединенных Наций. Здесь состоялся обучающий семинар, призванный изменить привычный взгляд отечественных масс-медиа на освещение жизни людей с инвалидностью. В одном зале за круглым столом встретились те, кто создаёт информационную повестку сегодня — ведущие журналисты страны, и те, кому предстоит формировать образ Туркменистана на мировой арене завтра — преподаватели и студенты Туркменского государственного университета имени Махтумкули и Института международных отношений МИД.

Проводником в мир инклюзивной коммуникации выступила международный эксперт, специалист Регионального отделения для Центральной Азии Управления Верховного комиссара ООН по правам человека (УВКПЧ) госпожа Ксения Симинчук. Её рабочий визит в Ашхабад принёс не просто сухие лекции, а живой, пульсирующий интерактивный формат, заставивший каждого участника переосмыслить ценность человеческого достоинства сквозь призму Конвенции ООН о правах инвалидов.

С первых минут вводной сессии аудитория погрузилась в тонкости правозащитного подхода. Но теория быстро уступила место глубокому эмоциональному опыту. Практическое упражнение «Социальные роли» превратилось в психологический эксперимент: примеряя на себя чужие судьбы, будущие дипломаты и репортёры на себе ощутили, как невидимые социальные барьеры и предрассудки могут ограничивать человека. Это был разговор не об ограничениях здоровья, а об ограничениях среды и мышления.








*«Школа, в которой есть место для каждого...» — этот тезис стал лейтмотивом всего дня.*

Настоящим откровением для участников стал международный проект «Живая книга». Благодаря онлайн-включениям, границы стёрлись. Перед аудиторией выступил Виктор Избаш — координатор молодёжных инклюзивных проектов из Молдовы. Его «Живая книга» рассказала историю о том, как шаг за шагом ломается сегрегация и рождается истинная инклюзия в образовании, где каждый ребёнок чувствует себя ценным и принятым.

Вторая половина дня была посвящена ювелирной работе со словом — главному оружию журналиста. Как писать о людях с инвалидностью, не впадая в жалость или излишний пафос? Участники разбирали тонкости инклюзивного «etiquette» и рекомендованной терминологии.

Свою «Живую книгу» презентовала правозащитная активистка Дианна Жалбэ. Её выступление стало наглядным пособием того, как одно неверно подобранное слово в прессе способно закрепить стереотип, и как честный, уважительный материал может подарить человеку равные возможности и разрушить стену отчуждения.

Финальным штрихом этого насыщенного дня стала презентация руководства ЮНИСЕФ, посвящённого деликатной теме коммуникации в сфере ментального здоровья. Последующая сессия вопросов и ответов переросла в открытую дискуссию — молодые журналисты и студенты долго не отпускали эксперта, делясь мыслями и анализируя современные медиа-тренды.

> *«Слово может стать либо барьером, либо мостом. Задача журналиста — строить мосты там, где общество по привычке возводит стены».*

Семинар завершился, но его эхо обязательно отзовётся на страницах газет и в эфирах телеканалов. Ведь главным итогом этой встречи стали не методические пособия, а рождение нового взгляда — взгляда, в котором нет места делению на «мы» и «они», а есть чёткое понимание: инклюзия — это не благотворительность, это неоспоримое право каждого человека на полноценную жизнь.

**Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,**
студентка 3-го курса факультета
международной журналистики.

1-nji iýulda Türkmenistanyň DIM-de 2026-njy ýylyň 4–6-njy sentýabry aralygynda Niderlandlaryň Kronenberg şäherindäki «Pilbergen» atçylyk toplumynda geçirilmegi meýilleşdirilýän çärä — Atçylyk boýunça dünýä çempionatyna we ahalteke atlarynyň gözellik bäsleşigine görülýän taýýarlyk işlerine bagyşlanan brifing geçirildi.

# WATAN GURSAKDA PARLAÝAN BELENT TUGUMYZDYR

Watan — dilleriň senasy, göwünleriň täjidir. Ynsan dünýä inen pursadyndan başlap, enäniň mähirli gujagy, bütin barlygy, tämiz howasy we sahawatly topragy bilen ony gurşap alýan gutly mekany özüne iň ýakyn mukaddeslik hökmünde duýýar. Watan diňe bir anyk bellenen serhetler ýa-da çäklendirilen çäkler bolman, eýsem, ata-babalarymyzyň gany siňen, geçmişiň gahrymançylykly sahypalaryny, şu günüň bagtyýarlygyny we geljegiň beýik umytlaryny özünde jemleýän galkynyş şuglasydyr. Şonuň üçin hem, Watanyň bir gysym topragy, dury asmanyň asudalygy, gojaman zeminiň salkyn şemaly ynsan üçin iň eziz we gymmatly hazynadyr. Her bir ynsanyň ýüreginde Watana bolan söýgi mähriban enäniň süýdi, hüwdüsi we pähimli nesihatlary kimin ömürboýy öçmejek mukaddeslige öwrülýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watan mukaddesligi täze röwüşde, has belent many-mazmun bilen dabaralanýar. Şu günki günde eziz Diýarymyzyň gazanýan uly üstünlikleri, ak mermerli şäherleri, gülleýän obalary we parahat asmany ýüreklerimizi buýsançdan doldurýar. Watan mukaddesligi diňe bir oňa guwanmak däl, eýsem, onuň ösüşlerine öz zähmetiň, zehiniň we yhlasyň bilen saldamly goşant goşmakdyr. Her bir raýatyň öz işine bolan wepalylygy, bilime we ylma bolan ymtylyşy eziz Watanyň kuwwatyny has-da artdyrmaga gönükdirilendir.

Şonuň üçin hem, Watana bolan wepalylyk, onuň goýnunda parahat we asuda ýaşamak iň uly bagtdyr. Bagtyýar nesilleriň ýylgyryşynda, asuda asmanymyzda ganat ýaýýan parahatçylyk guşlarynda Watanyň ebedi sarsmazlygy we beýikligi görünýär.

Goý, asmanymyz hemişe durnaly, topragymyz bereketli bolsun, mukaddes Watanymyz dünýäniň iň bagtly we parahat mekany hökmünde baky güllesin! Bu beýik mukaddesligi gözümiziň göreji ýaly goramak, onuň şan-şöhratyny has-da belende götermek bolsa her birimiziň ömürlik ykbalymyz we iň mukaddes borjumyzdyr.

**Göwher SÖÝÜNMÄMMEDOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# Ekologiýa medeniýeti — durnukly ösüşiň kepili

Häzirki wagtda Türkmenistan döwlet derejesinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge we daşky gurşawy goramaga uly ähmiýet berýär. Bu bolsa ýurdumyzda alnyp barylýan ekologiýa syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzda geçirilýän çäreler tebigaty goramagy ilatyň, ýaşlaryň arasynda ekologiýa medeniýetini kemala getirmegi maksat edinýär.

Ekologiýa medeniýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, 2026-njy ýylyň 4-nji iýulynda Aşgabat şäheriniň «Aşgabat» söwda dynç alyş merkeziniň «Bilelikde Hub» döredijilik merkezinde «Bilelikde ýaşyl geljege!» atly eko-festiwal geçirildi. Ol ýurdumyzda daşky gurşawy goramak boýunça alnyp barylýan işleriň täze bir sahypasyny açdy. Festiwal «Ýaş tebigatçy» jemgyýetçilik guramasy tarapyndan guraldy. Bu çäre jemgyýetde durnukly sarp ediş medeniýetini goldamaga we ekologik durnuklylygy berkitmäge bagyşlandy. Festiwalyň dowamynda çagalar, ýaşlar we ulular üçin gyzykly eko-oýunlar, ylym, tehnologiýa, inženerçilik, matematika maksatly okuw meýdançalary (STEM) hem-de çeperçilik boýunça ýörite ussatlyk sapaklary guraldy. Mundan başga-da, «Ýaş tebigatçy» jemgyýetçilik guramasy tarapyndan gatnaşyjylara ýadygärlik sowgatlary gowşurylyp, festiwalyň myhmanlaryna plastik çüýşeleri ýa-da ulanmaýan egin-eşikleriniň täzeleri bilen çalyşmak arkaly ekologik arassa gurşawy emele getirmäge goşant goşmak teklip edildi.

Ekosyýahatçylygyň ösdürilmegi ýurdumyzyň syýahatçylyk pudagynyň möhüm wezipeleriniň biridir. Türkmenistanyň «Syýahatçylyk hakynda» Kanunyna laýyklykda, ekosyýahatçylyk seýrek duş gelýän tebigy desgalary, goraghanalary we milli seýilgähleri gorap saklamagyň, olary halk köpçüligine tanyşdyrmagyň täsirli guraly hökmünde kabul edilýär. Syýahatyň bu görnüşi adamlara tebigat bilen gönümel aragatnaşykda bolmaga, onuň gözelliginden lezzet almaga we fiziki saglygyny dikeltmäge oňaýly şertleri döredýär. Şol bir wagtyň özünde, ekosyýahatçylygyň düzgünlerini, ýagny, daşky gurşawa zibil taşlamazlyk, agaçlaryň şahalaryny döwmezlik, ýörite bellenilen ýerlerde ot ýakmazlygyň berjaý edilmegi, tebigy baýlyklarymyzyň nesillere bitewi halda ýetirilmegine hyzmat edýär.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, Türkmenistanda ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek üçin orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýörite sapaklaryň okadylmagy, tebigy we medeni ýadygärlikleri goramak üçin düşündiriş işleriniň yzygiderli geçirilmegi hem-de daşky gurşaw barada mahabat işleriniň alnyp barylmagy ýaly toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Bu işler ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny aýawly saklamaga we geljekki nesiller üçin arassa, sagdyn gurşawy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Goý, ýurdumyzda tebigaty goramak we ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Bägül DURDYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# INTERNATIONAL JOURNALISM TODAY...

Every day, billions of people scroll through a stream of headlines, vertical videos and viral takes. But who goes to the source? Who separates manufactured noise from human truth?

In an era defined by deepfakes, algorithmic echo chambers and rapid global shifts, international journalism isn't just a career path — it's a vital global infrastructure. Studying international journalism equips us to step past the screen, cross borders and tell the stories that shape our collective future.

International journalism bridges borders, translates cultures and holds power to account. In an increasingly interconnected world. It acts as the vital heartbeat of a global community, standing for justice, challenging authoritarian narratives and ensuring that the public remains informed, united and empowered.

Today, global journalism is what we need to make an interconnected world understand itself. Every international story reshapes our worldview. By exploring diverse cultures and societies, international journalism highlights our shared humanity. It bridges the gap between distant communities and reminds us that an issue in one nation frequently has a ripple effect across the globe.

Adapting to the digital era, the journalistic landscape is constantly evolving. Today, international media embraces new digital formats — from mobile reporting to complex data investigations — to combat misinformation and engage younger generations. Radio and television are still the primary vehicles for news in the most countries of the world. However, as digital infrastructure improves, many countries have also become the center of innovative digital journalism. Noting social and technical trends, as of 2026, about 94% of households in the European Union have access to the Internet, making it the best connected region in the world. In addition, many other countries of the world benefit from advanced digital infrastructure and access to mobile internet. Thus, it is not surprising that such countries become pioneers in the digital transformation of journalism. Becoming a pioneer in this space means fundamentally rethinking how news is produced, distributed and monetized to meet modern audience habits. It goes far beyond simply posting print articles onto a website. Many of these pioneers — such as data-driven investigative units or digital-first outlets — have redefined professional standards and broken major international stories using open-source reporting and crowdsourcing.




The biggest Asian player on the international stage today is China, though. Its suite of global media includes China Global Television Network, which offers news and documentary television channels in six languages and is available worldwide. The English-language China Daily, which prints 600 000 copies and is available in some major cities outside China and Xinhua, which is now the world's largest news agency by some measures. Chinese media companies have also been at the forefront of using artifcial intelligence and automation in journalism to create personalized news products that even feature computer-generated news anchors.

Moreover, the rapid proliferation of mobile internet has greatly expanded the reach of alternative (and opposition) media and enabled more participatory forms of journalism — which were previously uncommon. It is now quite common for newsrooms in eastern and southern Africa to actively solicit news tips and visuals from eyewitnesses and incorporate them into their reporting. It is also increasingly common for journalists to publish more critical stories online under pseudonyms, and often through social media and blogs. Moreover, the proliferation of mobile payment systems has also made it easier for independent media to utilize crowdfunding as abusiness model.

**Artyk BEGENJOV,**
the 1st year student of the
Faculty of International
Journalism

9-njy iýulda Türkmenistanyň Daşary işler ministri R.Meredow
ABŞ-nyň Montana ştatynyň senatory Stiw Deýns bilen duşuşyk geçirdi

# ABU ALI IBN SINA HAKYNDA KELAM AGYZ

Alym şahsyýetiň kemala gelmeginde akyl, ahlak terbiýesi biri-biri bilen baglanyşygyny belläp, ahlak sypatlarynyň iň esasysy, ruhy lezzetliligiň beýik derejesi hökmünde adalatlylygy görkezýär. Oňa eýe bolmak üçin ynsan kanagatly, sabyrly, dana, ýaman gylyk-häsiýetlerden özüni saklap, ýagşy sypatlary ösdürýän adam bolmalydyr. Ibn Sinanyň pikirine görä, ynsanyň ahlak sypatlaryna sahylyk, çydamlylyk, kiçigöwünlilik, akyllylyk, habardarlyk, uýat-haýaly bolmak girýär. Ahlakly ynsanyň sypatlary:

1. Kalbyňda adalatsyz işlere ýol bermezlik (özüňi saklap bilmek).
2. Sahylyk, kömege mätäç adamlara ýardam etmek.
3. Gahar-gazapdan saklanmagy başarmak.
4. Çydamlylyk — ynsanyň öz başyna düşen agyr ýagdaýlardan çykmaga çalyşýan kuwwat-gaýraty.
5. Akyllylyk — bir işi ýerine ýetirmekde oýlanyşyklylyk, gyssanmazlyk.
6. Hüşgärlik — ähli hereketlerde, aýdylýan gürrüňlerde seresaplylyk.
7. Duýgudaşlyk — başyna agyr iş düşen ynsana kömek bermäge, derdini paýlaşmaga döwtalaplyk.
8. Kiçigöwünlilik – islendik beýleki adamy özüňden pes saýmazlyk, adamlar barada oňat pikirde bolmak.

Ibn Sina pedagogiki pähimlerinde adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemäge aýratyn ähmiýet beripdir. Ol adamyň asylly ýa-da ýaramaz bolup ýetişmeginiň sebäbiniň özüne baglydygyny, dünýädäki ähli zatlaryň öz tebigaty boýunça kämilleşmäge çalyşýandygyny, ynsanyň özüni kämilleşdirmäge ymtylmagynyň onuň ahlak sypaty hasaplaýandygyny aýdýar. Ahlak sypatlaryň ýene-de biri adamlaryň arasyndaky biri-biri bilen dostlarça ýaşamagy biri-birine kömek etmegidir. Dostluk barada alym şeýle pikirleri öňe sürýär:

1. Her hili kynçylyga seretmezden, öz dostuňa kömek etmek.
2. Dostlaşan adamlaryň gylyk-häsiýetleriniň meňzeş bolmagy.



Akyl terbiýesini dürli zatlaryň üsti bilen almagy, şeýle terbiýäni bermekde çaganyň aňyna ýagşy sözi, hormaty, adamkärçilik häsiýetlerini, siňdirip, erbet gylyk-häsiýetlerden daşlaşdyrmagy ündeýär. Alym terbiýe baradaky garaýyşlarynda maşgala terbiýesine aýratyn üns beripdir. Ol çaganyň hakyky terbiýäni maşgalada alýandygyny belläpdir. Maşgalada ata-enäniň wezipesine we borjuna örän uly ähmiýet berilýär. Maşgalada ata-enäniň zähmetsöýerligi, zähmete deň gatnaşmagy, çagalar üçin alada etmegi, olary hünär öwretmäge çekmegi, kär saýlamak baradaky aladalary ata-eneleriň esasy borjy hasaplaýar. Alymyň pikirine görä, eger adam akyl we fiziki taýdan näçe güýçli bolsa-da, ahlak taýdan kämil bolmasa, onda ol jemgyýetiň hakyky agzasy bolup bilmez we jemgyýete peýda getirmez. Diňe özi üçin ýaşaman, halka, jemgyýete peýda getirmäge çalyşýan adamlar oňat ahlakly ynsanlardyr diýýär.

Ibn Sinanyň işlerinde «Mal-dünýä toplajak diýip özüňi azaba goýma! Çagalaryňa ylym we edep öwret! Az iýmegi we az geplemegi kesp edin! Haýsy işi tutsaň-da oňa biparh garama! Bu günki işiňi ertä goýma! Özüňden ulynyň ýanynda sakyrdap oturmaga haýa et! Birini beýleki adamynyň öňünde uýaldyrma! Gün dogynça uklap ýatma!» ýaly ynsan terbiýesi bilen meşgullanýanlaryň gündelik işinde hiç wagt gymmatyny ýitirmejek pähimler köpdür. Ibn Sina özüniň okuw-terbiýeçilik işlerine degişli ideýalaryny filosofiki garaýyşlarynyň üsti bilen däl-de, terbiýäniň akyl, ahlak, estetiki, fiziki görnüşleriniň guralyşyna, ösüşine, roluna baha bermek arkaly uly işler galdyran alymdyr.

**Merjen ORAZDURDYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

# MUNY BILMEK GYZYKLY

## SAZ WE ÖSÜMLIKLER

Sazyň janly tebigata, ylaýta-da, ösümlikleriň ösüşine we saglygyna ýetirýän täsiri gaty gyzykly we geň galdyryjydyr. Ösümlikleriň gulagy ýok ýaly görünse-de, olar daşky gurşawyň yrgyldylaryna we ses tolkunlaryna örän duýgurdyrlar. Ösümlikler sazy adamlar ýaly gulak gurşawy bilen däl-de, yrgyldylar arkaly duýýarlar. Ses tolkunlary howada yrgyldy döredýär we bu yrgyldylar ösümligiň öýjüklerindäki membranalara täsir edýär. Yrgyldylar ösümligiň öýjükleriniň içindäki suwuklygyň hereketini çaltlandyrýar. Bu bolsa iýmit maddalarynyň, suwuň we energiýanyň ösümligiň bütin göwresine has çalt ýaýramagyna kömek edýär. Ösümlikler nusgawy sazlary örän gowy görýärler. Nusgawy sazyň astynda ösen ösümlikleriň has çalt boý alýandygy, ýapraklarynyň has ýaşyl we sagdyn bolýandygy, hatda sazyň gelýän ugruna tarap egilýändikleri subut edilipdir.

## BAMBUGYŇ ÇALTLYGY

Bambuk dünýäde iň çalt ösýän ösümlik hasaplanýar. Onuň ösüş tizligi geň galdyryjy derejede ýokarydyr. Ginnesiň rekordlar kitabyna giren Maso bambugy bir günde (24 sagatda) 91 santimetre çenli ösüp bilýär. Bu diýmek, bambuk sagatda, takmynan 3,8-4 santimetr töweregi boý alýar. Eger siz onuň ýanynda üns berip otursaňyz, ösüşini gözüňiz bilen hem



saýgaryp bilersiňiz. Bambuk tebigatyň iň çalt gurluşykçysydyr.

## DELFINLERIŇ ATLARY

Delfinler edil adamlar ýaly biri-biriniň adyny tutup bilýän ýeke-täk jandarlaryň biridir. Her bir delfiniň diňe özüne degişli «adyň», ýagny ses signaly bolup, beýleki delfinler ony şol at bilen çagyrýarlar. Her bir delfin ýaşaýşa ilkinji gadam basan pursatyndan başlap özüne «ykjam we özboluşly sykylyk» oýlap tapýar. Bu sykylyk edil adamlaryň ady ýaly, diňe şol delfine degişli bolýar. Delfinler bu şahsy sykylygy özlerini tanyşdyrmak we «Men şu ýerde!"»diýmek üçin ulanýarlar. Delfiniň ýaşlykda oýlap tapan ady bütin ömrüne üýtgemeýär.

## OKAMAGYŇ PEÝDASY

Kitap okamak diňe bir bilim bilen çäklenmeýär, ol ýüregiň urşuny kadalaşdyrýar,howsalaryň (stresiň) derejesini peseldýär we adamy rahatlandyrýar. Günbatar ylmynda muňa «biblioterapiýa», ýagny kitap bilen bejeriş hem diýilýär. Kitap okamak beýni üçin edil sport ýalydyr. Ol beýni öýjükleriniň arasyndaky baglanyşygy berkidýär, ýatkeşligiň gowşamagynyň öňüni alýar we ýady güýçlendirýär. Näçe köp kitap okasaňyz, şonça-da täze sözleri öwrenýärsiňiz. Bu bolsa adamlaryň arasynda özüňizi has ynamly alyp barmaga, pikirleriňizi dury we täsirli düşündirmäge kömek edýär.

Ylmy barlaglara görä, bary-ýogy 6 minut ünsüňizi berip kitap okamak,howsalaryň derejesini 68 göterime çenli peseldýär. Kitaplar bize gitmedik ýerlerimize gitmäge, tanyşmadyk adamlarymyzyň durmuş tejribesini öwrenmäge gowy mümkinçilik berýär. Bu bolsa adamyň durmuşa we wakalara has giňişleýin, paýhasly baha bermegine ýardam edýär. Kitap okamak arkaly adam özünde täze pikirleri tapmak we döredijilikli oýlanmak ukybyny oýarýar.

## GÖRÜNMEÝÄN REŇKLER

Guşlar we arylar ynsan gözüniň saýgaryp bilmeýän ultramelewşe şöhlelerini hem görüp bilýärler. Şol sebäpli olar gülleri we daş töweregi biziň görşümizden has ýagty we başgaça reňklerde görýärler.



## DÜNÝÄNIŇ IŇ KÖNE UNIWERSITETI

Dünýäniň iň köne we henize çenli yzygiderli işläp gelýän ýokary okuw jaýy Marokkoda ýerleşýän Al-Karauin uniwersitetidir. Ol ÝUNESKO we Ginnesiň rekordlar kitabynyň maglumatlaryna görä, 859-njy ýylda maşgala mirasyndan mellek satyn alan Fatima al-Fihri atly aýal tarapyndan ilki metjit hökmünde esaslandyrylypdyr we wagtyň geçmegi bilen uly bilim merkezine öwrülipdir.

**Oguljan KURBANOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

2-nji iýulda Türkmenistanyň DIM-de Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) Halkara zähmet standartlary departamentiniň direktory Korinn Warganyň arasynda duşuşyk geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *A.Ýazweliýew, Ý.Hallyýew.*
***Jogapkär kätip:*** *O.Çaryýarowa.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Begenjow.*
***Bölüm müdiri:*** *B.Baýhanow.*
***Edebi işgärler:*** *Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjyýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
***Korrektorlar:*** *O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
***Fotohabarçy:*** *T.Gurbandurdyýew.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***